# Uruş ýyllarynyň poçtalýony

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Uruş ýyllarynyň poçtalýony URUŞ ÝYLLARYNYŇ POÇTALÝONY

Söweş meýdanyndan gelýän şol hatlar,
Sowukdy, sowukdy buzdan bäş beter.
Eliňe alaňda şagga der basýar,
Yssydy, yssydy közden bäş beter.

Dagyň bölegini göterýän deýin,
Ýegşerilýäň, ýer ýarylsa girmeli.
Dözüp bormy aglatmaga Enäni,
Ýeri, onsoň haty nädip bermeli?

Soragly seredýän müýnsiz gözleriň
Gowy habarlara umydy bardy.
Adam bolup adam öňünde durmak,
Şol pursat bar zatdan juda agyrdy.

Taşlajak bu käri,
Arman, alaç ýok.
Işlemeli dünýä abat bor ýaly.
Faşistlere nälet okasalar hem,
Gözýaşlara özüm sebäpkär ýaly.

Rejep ARAZDURDYÝEW. Goşgular